# SUNGAT WE ÝAŞLAR

**MAÝA KULYÝEWA ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI KONSERWATORIÝASYNYŇ TALYPLAR GAZETI**

Gazet 2019-njy ýylyň 25-nji noýabryndan bäri çykýar. № 4 (27) iýul-awgust 2024ý. E-mail: tnconservatory @gmail.com


## Talyplyk dünýäsine şowly ädimler

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen biz ýaşlara döwrebap bilim almaga giň mümkinçilikler döredilýär. 2024-nji "Pähim-paýhas ummany — Magtymguly Pyragy" ýylynda Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyby bolmak bagtyna eýe bolmagym başymy göge ýetirýär. Ýurdumyzda ähli ulgamlar bilen bir hatarda milli medeniýetimiziň, sungatymyzyň gülläp ösmegi kalbyňy joşa getirýär. Men 2023-nji ýylda Gyrgyz Respublikasynyň Bişkek şäherinde GDA gatnaşyjy döwletleriň arasynda geçirilen XVII ýaşlar "Delfiý oýunlary" atly bäsleşige gatnaşyp, II derejeli Diplom we kümüş medaly bilen sylaglandym. Saýlap alan hünärim boýunça ýokary okuw mekdebiniň talyby bolmak nesip etdi. Hormatly Prezidentimiziň arzuwlary hasyl edýän zamanasynda ýaşaýandygymyza ýüregim joşýar. Biz - ýaşlaryň okamagy, hünär eýesi bolup ýetişmegi üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bildirýän belent ynamyny ödäp, Watanymyza wepaly adamlar bolup, aýdym-saz sungatynyň inçe syrlaryny öwrenip, milli medeniýetimizi we sungatymyzy has ýokary derejelere göterjek hünärmenler bolup ýetişjekdigime ynandyrýaryn. Milli Liderimiziň, hormatly Prezidentimiziň janlarynyň sag, il-ýurt bähbitli işleriniň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýärin!



Güýçberdi GULOW,
Bagşyçylyk hünäriniň
1-nji ýyl talyby.

## Hünär kämilligine badalga

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bimöçber tagallasy bilen milli medeniýetimize, aýdym-saz sungatymyza uly sarpa goýulýar.

Men aýdym-saz älemine içgin aralaşmagy çagalygymdan arzuw edýärdim. "Guş ganatsyz bolmaz, adam arzuwsyz" diýlişi ýaly, meniň hem arzuwym ýokary saz bilimini berýän okuw mekdebi bolan Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynda okamakdy we ylymly-bilimli bolmakdy. Arzuwlaryň amala aşýan ýurdy bolan eziz Diýarymyzda meniň hem arzuwym hasyl boldy. Bu ýyl maňa bu ýokary okuw mekdebiniň talyby bolmak bagty miýesser etdi. Biz - ýaşlaryň arzuwyny amala aşyrýan mähriban Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna çäksiz alkyş aýdýaryn. Milli aýdym-saz sungatyny dünýä ýaýjak, hormatly Prezidentimiziň bildirýän belent ynamyna mynasyp hünärmen bolup ýetişjekdigime ynandyrýaryn.



Munisa HUDAÝBERGENOWA,
Estrada sungaty hünäriniň
I-nji ýyl talyby.



## Bagtyýarlyk döwrüniň waspçylary

### "Bagşy" hünäriniň 3-nji ýyl talyby Kerim Pirnepesow:

"Meniň aýdym-saza bolan höwesim öýümizde aýdymyň-sazyň şirin owazynyň köp ýaňlanýandygyndan bolmagy mümkin. Meniň daýym Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Aman Annaýew öz döwrüniň ussatlarynyň biri bolan. Men 5-nji synpa geçenimde Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynyň Ýalkym geňeşligindäki çagalar sungat mekdebine gatnap başladym. Soňra 2014-nji ýylda Marynyň Ýolaman Hummaýew adyndaky ýörite sungat mekdebiniň talyby boldum. Ol ýerde Bibisara Gurdowadan salyr-saryk ýolunyň aýdymlaryny ürç edip öwrendim. Häzirki wagtda men Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň "Bagşy" hünäriniň III ýyl talyby. Meniň halypam Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Garýagdy Saryýew. Men ussat halypalarymyzyň ýerine ýetiren "Torgaý guşlar", "Karar oldum", "Gelmez Leýli", "Arzygül", "Gaýt indi" ýaly aýdymlary höwes bilen aýdýaryn. Maňa ýakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň yglan eden "Türkmeniň Altyn asyry" atly bäsleşiginiň çäklerinde dutarçy, bagşy sazandalaryň arasynda geçirilýän "Çalsana, bagşy!" atly bäsleşiginde ýeňiji bolmak bagty miýesser etdi. Men bäsleşikde "Saýatly Hemra" dessanyndyn "Näzliniň" diýen türkmen halk aýdymyny ýerine ýetirdim. Ýurdumyzda biz – talyp ýaşlar üçin okamaga, öwrenmäge giň mümkinçilikler döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!".



### "Bagşy" hünäriniň 3-nji ýyl talyby Dünýägözel Gutlyýewa:

"Biziň maşgalamyz sungat maşgalasy bolup meniň ejem Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň Gubadag şäheriniň medeniýet öýünde zähmet çekýär. Men hem 2006-njy ýylda Gubadag şäherçesindäki çagalar sungat mekdebine "Bagşyçylyk" hünärine okuwa bardym. Maňa agam Begenç Gutlyýew, Wepa Nurmuhammedow dagylar halypalyk etdiler. Soňra 2011-nji ýylda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasynyň "Gulbaba" adyndaky çagalar baýragynyň eýesi boldum. Soňra öz hünärimi Daşoguz welaýatynyň Magtymguly Garlyýew adyndaky ýörite sungat mekdebinde dowam etdim. Ol ýerde Göwher Ahmedowa, Myrat Halbaýew ýaly halypalardan dessan aýtmagyň, saz çalmagyň inçe syrlaryny öwrendim. Soňra maňa Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynda talyp bolmak bagty miýesser etdi. Maňa bu ýerde Türkmenistanyň halk artisti Şemşat Hojaýewa, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Kerwen Ýowbasarow ýaly sungat ussatlary



halypalyk edýärler. Men daşoguz bagşyçylyk ýoluna mahsus bolan dessanlary şeýle-de "Hajygolok", "Teşnit", "Gardaşym", "Hak üçin", "Saýat üçin", "Kerem geldi" ýaly türkmen halk aýdymlaryny ýerine ýetirýärin. Ykbalyň maňa peşgeş beren bu owadan talyplyk ýyllarymda Türkmenistanyň Prezidentiniň yglan eden "Türkmeniň Altyn asyry" atly bäsleşiginiň çäklerinde dutarçy, bagşy-sazandalaryň arasynda geçirilýän "Çalsana, bagşy!" atly bäsleşiginiň jemleýji tapgyrynda ýeňiji bolup Hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna mynasyp boldum. Men muňa diýseň begenýärin, buýsanýaryn. Halypa şägirtlik ýoluny dikeldip beren Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, tutýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!".

# ÝEWROWIDENIÝE – 2024

"Ýewrowideniýe" – Ýewropa habar beriş bileleşiginiň agza döwletleriniň arasynda alnyp barylýan estrada aýdymynyň bäsleşigidir. Bu bäsleşik 1956-njy ýyldan bäri her ýyl geçirilýär. Oňa ÝHBB-niň (Ýewropa habar beriş bileleşigi) agza döwletleriniň hersinden bir ýerine ýetirijiniň gatnaşmaga mümkinçiligi bar. Bäsleşik göni ýaýlymda alnyp barylýar. Onda ýerine ýetirilýän aýdymlaryň dowamlylygy üç minutdan artyk däl. Çykyşyň dowamynda sahnada ýerine ýetirijileriň alty adamdam köp bolmagyna ýol berilmeýär. Bäsleşigiň netijesi teletomaşaçylaryň hem-de emin agzalarynyň ses bermegi bilen anyklanylýar.

Ýaňy ýakynda "Ýewrowideniýäniň" 68-nji tapgyry geçirildi. Bu ýyl bäsleşik "United by Music" ady bilen, Şwesiýanyň Malmýo şäherinde gurnaldy. Däp boýunça, geçen ýylky tapgyrda ýeňiji bolan döwlet özünde bäsleşigiň indiki tapgyryny geçirmäge hukuk gazanýar. 2023-nji ýylyň 7-nji iýulynda Malmýo – "Ýewrowideniýe-2024" bäsleşiginiň organizator-şäheri hökmünde yglan edilýär.



Nemo I orun



Baby Lasagna
II orun

Gatnaşýan ýurtlaryň ýarym finala paýlanmagy 2024-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda bolup geçdi. Goňşularyň ses bermek ähtimallygyny azaltmak we ýarym finalda dartgynlygy ýokarlandyrmak üçin 31 ýurt taryhy ses beriş usullaryna esaslanyp 5 küýze bölündi. Şeýle hem, deňme-deň oýnalýan alty awto-finalistiň hersiniň haýsy ýarym finalda ses berjekdigini - kabul edýän ýurt Şwesiýa we Uly bäş ýurt (Beýik Britaniýa, Germaniýa, Ispaniýa, Italiýa, Fransiýa) we kabul edýän ýurduň haýsy bäsleşik belgisi bilen bäsleşjekdigini kesgitleýär. Dabara Pernila Ferreýro Aleksandra Monsson de Kolt we Farahina Abadi tarapyndan ýerine ýetirildi. Şeýle dabara, kabul ediji şäheriň nyşany bolan simwoliki açarlaryň Liwerpulyň häkiminden Malmö şäher häkimine gowşurylmagyny öz içine aldy.Bäsleşigiň birinji ýarym finaly 7-nji maýda, ikinji ýarym finaly 9-njy maýda, final bolsa, 11-nji maýda Merkezi Ýewropanyň tomus wagty boýunça 21:00-da geçirildi. Birinji ýarym finalda 15 döwlet, ikinji ýarym finalda 16 döwlet, finalda 25 döwlet gatnaşdy. Gatnaşyjylaryň çykyşynyň tertibi bäsleşigiň prodýuserleri tarapyndan kesgitlenilen hem-de 26-njy martda yglan edilen.






Alyona Alyona, JerryHeil
III orun

Teletomaşaçylaryň we emin agzalarynyň ses bermeleriniň netijesi boýunça "Ýewrowideniýe-2024" bäsleşiginiň ýeňijisi Şwesariýaly aýdymçy Nemo bolýar ("The Code" aýdymy bilen). Ikinji orny "Rim Tim Tagi Dim" aýdymy bilen Horwatiýaly ýerine ýetiriji Baby Lasaga, üçünji orny "Teresa & Maria" aýdymy bilen Ukrainaly aýdymçylar Alyona Alyona we Jerry Heil eýeleýärler.



EUROVISION



Internet maglumatlary esasynda taýýarlan
Jeýran JORAÝEWA,
Sazşynaslyk hünäriniň 4-nji ýyl talyby.



## "Ýaltanyň gepi"

(degişme)

Men ukyny söýýän, uky hem meni,
Duşuşýan ýerimiz ýassygyň gerşi.
Ýöne neçün meniň öýümdäkiler,
Biziň söýgimize bolýalar garşy.

Ejem diýýä "beýdip ýörme jan ogul,
Bu bolușyň gözüme hiç gelenok.
Ýaltalygyň çür başyna çykypsyň,
Bir emelsiz eliňden iş gelenok".

Düşüneňzok! Bir kyn mysal ýaly men,
Kalbyma arassa, oňat pälimem.
Gijesi, gündizi hars urar ýaly,
Eje, nebis daýyň, guly dälä men.

Hawa iş başarmaz ýalta men diýip,
(Özüm hakda beýle bellik etmäýin).
Işläp ölenemä ýokmuş diýýäler,
Äý şonda-da töwekgellik etmäýin.

## "Pursat"

(teatrda)

Ynha-da teatr – örän giň sahna,
Zalyň için doldurypdyr adamlar.
Orkestr saz çalýar – misli bir deňiz,
Kä parahat kenar, kä galýar gomlar.

Ajaýyp saz bilen durmuş jaňlanýar,
Sazlaşdyrýar ony dirižýor aga,
Ellerin galgadyp janygýar juda,
Öz edýän işine şeýle zor aga.

Saz howsala tapýar, galýar belende,
Janyň alyp barýar, esdilýär zaryn
Syhalyp zor görünýän skripkalar
Hem truba gygyrýar süňňünde baryn.

Deprek düňňürdeýär, pianinoçy,
Çalýar düwmelere ot düşen ýaly,
Yzdaky setirde kiçijek çaga
Aglady – belki-de gyýyldy jany,

Gollaryn salgady dirižýor aga,
Ana şol mahalda sowuldy tupan.
Soňra-da mylaýym hem juda näzik
Şeýle bir şirin saz çalyndy welin,
(Orkestr çagany diňdirýärmikän?!)

Çaga kösesdi-de goýdy sesini,
Ýene-de gül açdy üýtgeşik dünýä.
Oýa batdym, belki saz diýlen zada,
Hemmelerden beter dil bitmedijek
Çaga gowy düşünýä.



Ýusup MEREDOW,
Saz mugallymçylygy hünäriniň 1-nji ýyl talyby.



# “Uzuklar” halk saz toplumynyň rowaýaty



“Gadym zamanlarda Pendi töwerekleri (häzirki Marynyň günorta bölekleri) üç hanlyga degişli bolupdyr. Ol hanlar agzybir bolup bilelikde dostlukly gatnaşyk saklapdyrlar. Emma olaryň perzendi dünýä inse-de durmandyr. Olar bir-iki hepde şatlanyp-şatlanmakalar sähra ýene gara lybasa bürenipdir. Hanlar öz başlaryna düşýän musallaty Hudaý tarapyndan diýip düşünüpdirler. Onsoň olar Hudaýyň hatyrasyna eçilip bilenini eçilip, sadaka berip Hatam taý ýaly, garyp pukaralara zat paýlapdyrlar.

Bir gün hanlar atlanyp, awa-şikara çykypdyr. Olar çöl beýewana çykyp, öz ykballaryndan zeýrenip, mülklerini terk edip, başga bir welaýata aşmakçy bolupdyrlar. Şeýdip ençeme ýol sökenlerinden soň hanlaryň ululary Öde han: A-how, biz öz ýurdumyzda tapmadyk bagtymyzy ýat ilden tapmarys. Zeleliň ýarysyndan gaýtmaklygam bir peýdamyş. Öz ilimize dolansak nädýä? diýip, ýoldaşlaryna sala salypdyr. Içlerini gepledip barýan Gödek han bilen Guldurdy hanam onuň pikirini makullap yzlaryna gaýdýarlar. Gaýdyşyn olar Gaş derýasynyň boýunda düşläp, çaý içip otyrkalar olaryň gözi ýüzün salyp gelýän üç atla düşýär. Hanlar bir-biriniň ýüzüne seredişipdirler. Ýagy dökülen bolaýmasa-da biri diýşip otyrkalar atlylar:

- Öde han, Gödek han, Guldurdy han buşluk gyz perzendiňiz boldy diýip, atlylar sährany ýaňlandyrypdyrlar:

- A how düşünikliräk aýtsaňyzlaň, haýsymyzyň gyzymyz boldy? Atlylar:

- Han aga, üçüňiziňem – diýen jogaby eşidipdirler.

Hanlar “he-he-heý” bolup begenşip, her haýsy öz mülküne tarap at goýupdyr. Barsalar dogrudanam hanlaryň üçüsiniňem gyzy bolupdyr. Bir günde çagalarynyň bolmagy, hanlary hasam begendiripdir. Toý günini bir günde bellemek üçin jar çekipdirler. Üç hanyň üçüsem toýy bir günde, Gaş derýasynyň boýunda çaýlaşan ýerinde geçirmegi wadalaşýarlar. Toý güni Pendi çölüniň ýedi-ýat hemmesi derýanyň boýuna ýygnanypdyrlar. Üç gije-gündiz toý tutupdyr. Baý-garyby ýok, ähli halaýyk iýip-içip mes bolupdyr. Toýuň üçülenji güni adamlar gyzlaryň adyny goýmagy makul bilýärler. Hanlaryň maslahatçysy märekä ýüzlenip:

-Adamlar, gulak goýuň. Ählimiz diýen ýaly şu hanlaryň ýagdaýyny bilýäris, öň bularyň perzendi ýokdy. Şu gün toýuň sebäpkärleri bolan gyzlara at goýmak size, ýagny halkyň paýyna düşýär. Nähili at dakmakçy bolsaňyz sesleniň siziň dakan adyňyz bilen bizem razy. Bir salymdan soň derwüş sypatly aksakgally goja beýigräk ýere çykyp, adamlara ýüzlenýär:

-Eger meniň sözüme gulak assaňyz, eşidişimiz ýaly, hanlaryň gyzy bir günde dünýä inipdir. Şol sebäpli olaryň atlaram birmeňzeşräk bolsa oňat boljak. Razy bolsaňyz şol dünýä inenlere men aýt goýjak. Halaýyk duran ýerinden:

-Hany eşideliň-de, hany eşideliň bolýar.

-Eşitseňiz, Öde hanyň gyzynyň ady Uzuk, Gödek hanyň gyzynyň ady Näzik, Guldurdy hanyň gyzynyň ady Lälik bolsun! – diýýär.

Toýa ýygnanan märeke “Boldyda, boldy, atlaryna mynasyp bolsunlar, ömürleri zyýat bolsun” diýip alkyş baryny aýdyp, öýli-öýüne dargapdyr. Uzuk, Näzik, Lälik görmegeýden owadan, akylly, paýhasly gyzlar bolup ýetişýär. Günleriň bir güni hanlar ýene duşuşýar.

-Geliň, gyzlarymyz bir-biri bilen duşuşsynlar. Onsoňam bir zady berk ýadymyzda saklalyň. Ir-u giç gyz maşgala kesekiniňki bolmalydyr. Olar biziň döwletimiz däl-de, göwnühoşumyzdyr. Dünýeden ötmänkäk mülkümizem birine ynanmaly. Dogrumy?

-Dogry Öde han, rast aýdýarsyň – diýip Gödek han bilen Guldurdy han razy bolýar. Gyzlaryň duşuşmaly ýeri Uzuk hanyň mülki bolansoň, ol bellinilen ýere beýlekilerden has ir gelýär-de myhmanlary garşylamak üçin taýýarlyk görýär. Howa ýagtylanda, ýaýlada goýun bakyp ýören çopanyň gözi bir topar çadyr gurup ýören adamlara düşýär. Bezelen kejebäniň töweregem gaýda-gaýmalaşyk. Çopan goýunlaryny oýa sürüp, özem gamyşlykda gizlenip, töweregindäki bolup geçýän hereketi synlamaga duryar.

Birden kejebeden görmegeý gyz çykýar-da, ýeriň gaýmagyny bozsammykam, bozmasammykam diýýän ýaly, seýkin basyp, uly depä tarap ýöräp başlaýar. Ol mahal-mahal säginip, tawus guş dek çar tarapa boýnuny uzadyp garanjaklaýar. Onuň ýanyndaky hyzmatkärleri oňa gülälekdir, jümjüme bogup getirýärler. Näzik bilen Läligem bellenilen ýere gelýär. Uzuk olary hormatlap garşylaýar. Gün aşaklanda Uzuk, Näzik, Lälik degişip, gülüşip çemenzarlyga gidýärler. Olar gijäniň bir mahalyna deňeç gopuz çalyp, läle kakyp, monjugatdy oýnap ahyram Uzugyň kejebesinde dynç almaga gidýärler. Soň säher bilen uzakdan eşidilýän tüýdügiň owazyna oýanan Uzuk:

-Boýdaşlar, tüýdügiň owazyny sizem eşidýärmisiňiz ýa meniň göwnümemi? Gözün süzüp oýaly-ukuly ýatan Näzik:

-Kimem bolsa,tüýdügi saýradyba bilýär — diýýär. Gerinjiräp turan Lälik hem boýdaşlaryndan kem galmajak bolýan ýaly:

-Beýle-de bir ýürek gopdyryjy saz bolar eken - diýýär.

Beýlekiler örmänkä, üçüsem kejebeden çykyp, saz gelýän tarapa ýönelýärler. Iki depeden aşyp, oýa inenlerinde gyzlaryň gözi otlaşyp ýören goýunlara düşýär. Goýunlaryň beýle ýanynda-da çöwürme telpekli ýigidiň tüýdük çalyp oturandygyny görýärler. Çopana görünmejek bolup gyzlaryň üçüsi bir-biriniň elinden tutup aşak oturýarlar. Çopan bu zatlardan bihabar çalyp oturan sazyny tamamlap, ýene täze saz çalyp başlaýar. Sazyň jadylaýjy owazy gyzlaryň ýüregini gursagyndan çykarara getiripdir. Perizat sypatly gyzlaryň ýakynlap gelýänini gören çopan çalyp oturan tüýdügini elinden gaçyryp, gözüne görünýändir öýdüp gaçmaga hyýallanýar. Edil şol wagt güýçli gol onuň ýeňsesinden tutýar. Çopan bada-bat çöküne düşüp, nämäniň nämedigine düşünmese-de ýalbarypdyr.

-Agam, başyňa döneýin. Meniň günäm ýok. Men bir çopan. Goýunlary suwa indirmäge gelşim, meni goýber.

-Merez etmäge gelşim. Bi jelegaýda goýun bakarça sen kimmişiň. Bakýanyň kimiň goýunlary?

-Agam, Öde hanyň sürüsi.

-Öde hanyňky bolsa, adyňy aýt kim sen?

-Dostmuhammet. Atly çopanyň ýakasyny goýberipdir. Onýança-da Uzuk dagy olaryň ýanyna gelipdir. Uzuk çopanyň: “Öde hanyň sürüsi” diýenini eşidip ýylgyrypdyr-da:

-Bolup biler.Bu ýerlerde başga kimiň maly bolsun? Uzugyň sesini eşiden atly:

-Günämi ötüň, Bibim – diýip, aňyrlygyna depeden aşyp gidýär. Uzuk ýylgyryp durşuna:

-Öde hanyň çopanydygyň çyn bolsa, onda onuň gyzyny taryplap, bir saz çal, Dostmuhammet – diýýär. Öz adyny eşidip, çopanyň depesi göge ýetýär. Ol näme diýjegini bilmän, gözlerini mölerdip durşuna:

-Siz Uzuk hanmy?! – diýýär. Uzuk “Hawa” diýen manyda baş atýar welin, çopanyň tüýdügi saýrap başlaýar. Ol Uzuk hany taryplap, onuň durkuny saza geçirýär. Gyzlar çopanyň synçylygyna haýran galyp, onuň syratyna, saz çalşyna aşyk bolupdyrlar.

Gün guşluga galanda gyzlar kejebelerine dolanypdyr. Ýöne gyzlaryň öňkiligi ýok. Ýüzlerinde şatlykdan nam-nyşan ýok. Enekeleriniň ýüregi ýarylan ýaly bolup gyzlaryň halyndan habar alypdyrlar. Olar aýry-aýrylykda ýürek syryny enekelerine aýdypdyrlar. Enekeleri gyzlaryň agzyndan çykan sözi eşidip ýakalaryna tüýkürip, bir-birine habar berýärler.

-Toba, toba. Heý-de görülip eşidilen zatmydyr, bir? Bulary jyn urdumyka, gyz?! Üç sany hanyň gyzy bir çopana aşyk bolarmy?! Bular aklyndan azaşan bolaýmasynlar. Atamyz bilen gürleş diýýärler:

-Iň bolmanynda Beg ogly bolsa! Balalarym, agzyňyzdan haýyr açyň. Beýle gabahat işe biz-ä ýol berip bilmeris. Han-ha ataňyz, gürleşiňem, razylaşyňam. Biziň başymyza ahyrzaman indirmäň. Uzuk enekesine ýalbaryp-ýakaryp, ahyry atasy bilen gürleşmäge razy edýär.

-Bu zatlaryň sebäpkäri özüm. Sähra git diýenem özüm. Gyzlar bilen duşuş diýenem özüm. Eger gyzymyzyň diýenini etmesek, Hudaý ýene bizi ýazgarar. Ýeke dikrardan jyda düşmeli bolaýmaly. Iň gowsy, halk bilen maslahatlaşaly. Hanlar ýene jar çekdirip, ähli halky sähra ýygnapdyrlar-da gyzlarynyň isleg-arzuwlaryny ile ýetiripdir. Geň habary eşidip halk köpçüligi “Bijeli oglan aglamaz” diýlenini edip, Uzuk, Näzik, Lälik üçüsine bije atypdyrlar. Uzugyň bagty çüwüpdir. Onuň bijesi çykýar. Adamlar Näzik bilen Lälige hem mynasyp ýigit tapyp, üçüsiniň toýunam bir günde tutupdyrlar. Hanlar bolsa gyzlaryny hormatlap, Gaş derýasynyň boýunda “Gyzlar” galasyny salyp beripdirler. Uzukdagy ömrüniň ahyryna çenli şol galada ýaşapdyrlar. Dostmuhammet çopanam gyzlaryň şanyna “Uzuk”, “Näzik”, “Lälik” diýen sazlary döredipdir. Soňsoňlar ol sazlar toý meýlisde çalynyp: “Uzuklar” ady bilen biziň döwrümize gelip ýetipdir.



Kerwen AGADURDYÝEW
“Bagşy” hünäriniň
4-nji ýyl talyby.

# Şükür bagşy

Türkmenleriň iň bir gadymdan gelýän inçe syrly rowaýatlaryna öwrülen gudratyň bir hem Şükür bagşydyr. Şükür bagşynyň ajaýyp sazy, ýerine ýetirip we ussatlygyny görkezip, adam hassalanan wagty sazyň gudraty bilen oýarjakdygyna gözümiz ýetdi. Şükür bagşynyň ady rowaýata öwrülip biziň günlerimize çenli gelip ýetdi. Ol sazyň ussady bolup, türkmen sazynyň taryhynda uly yz galdyran beýik ussatdyr. Onuň Eýran Hanynyň bagşysy bilen ýaryşyp, agasyny halas edişi dilden-dile geçip ähli älem jahana ýaýrapdyr. Şükür bagşynyň atasyna Dowada aga diýipdirler. Ol Gökdepe etrabynyň Hurmantgökje obasynda ýaşapdyr. Şükürüň atasy daýhançylyk bilen meşgul bolupdyr. Dowada aganyň 3 ogly bolupdyr. Ulysyna Hojämämmet diýer ekenler. Ol daýhançylyk bilen meşgullanypdyr. Ortanjy ogly Hojamberdi. Ol bolsa obanyň mollasy diýlip tanalypdyr.



Dowada aganyň kiçi ogly Şükür sazanda bolupdyr. Şükür bagşynyň saz öwrenmekde ilkinji mugallymy Aly bagşydyr. Aly bagşy sazlaryň, ussady şeýle hem Şükür bagşa ilkinji tälim beren beýik ussat diýlipdir. Şüküre dürli sazlaryň ýoluny öwredipdir. Şükür birnäçe gün hat-da ömrüniň soňa çenli dutary näçe çalsada bu gymmatly senediň yzyndan ýetip bolmajakdygyna göz ýetiripdir. Günleriň birinde Şüküriň agasyny Eýran döwletler ýesirlege salypdyr. Ony gelinejesinden eşden Şükür bir gün ýola atlanyp: "Mähriban kyblam kakam, men hökmän agamy alyp watanyma dolanaryn" diýip ýola rowana bolýar. Ol Eýran daglaryna ýetip barýarka dagyň gyrasynda irkilipdir. Şükür ýatyrka düýşüne ejesi girip: "Şükür jan sen hökman agaňy sazyň gudraty bilen halas etmelisiň" diýipdir. Şükür Eýran döwletine baryp ýetipdir. Şol döwletiň wezirleri Şüküri, eltip seni hökman hanymyz görmeli diýipdir. Şükür Eýran döwletiniň patyşasynyň ýanyna baryp: "Eý beýik patyşahym, meniň agam Hojamämmet siziň eliňizde ýesir alyndy, mümkin bolsa boldygyndan agamy halas etmäge geldim" diýipdir. Eýranyň hanlary: "Nämeden başyň çykýar ýaş ýigit, söweşermiň ýa elimde gulum bolarsyňmy?" diýipdir. Şükür bolsa: "Ýok mümkin, bolsa men agamy sazyň gudraty bilen halas etmekçi" diýipdir. Patyşa bolsa wezirlerine buýurup: "Eýranyň iň belli bir sazandasyny çagyryň goý, onuň bilen ýaryşsyn" diýipdir. Eger-de ýaryşda ýeňilse onuň boýnuny sogurjakdygyny duýdurupdyr. Ýaryşmaly gün hem gelip ýetipdir. Eýranyň ähli adamlary üýşüp ýaryşyň başlamagyna garaşypdyrlar. Şonda Şükür: "Eý gudraty güýçli Biribar, men hökman bu ýaryşy ýeňip agamy halas etmeli, eger ýeňilsem gelinejemiň ýüzüne nädip bakaryn" diýip alada edipdir. Jar jekilip ýaryş başlanypdyr. Ilki Eýranyň sazandasy şeýle bir ajaýyp sazy ýerine ýetiripdir, welin ähli üýşen märeke haýran galypdyr. Indi gezek Şüküre düşýär. Şükür sazyny çalyp başlan wagty onuň dutarynyň kirişi üzülip saz durmaly bolýar, ýöne Şükür şonda-da öz ussatlygy bilen kirişini ýerine oturdup "Perwana" atly iň bir ajaýyp sazy ýerine ýetirýär welin, odunyň daşyndan aýlanyp duran kebelek hem ölýär. Ol sazy diňlän ähli märeke bu sazyň owazynyň süýjidigini gulagyň kesilsede duýar ýaly däl diýýär.



Şükür bu ýerine ýetiren ajaýyp sazy bilen öz agasyny Eýran döwletleriň elinden ýesirlikden halas edýär. Şeýdip, Şükür bagşynyň owazasy ýedi yklyma dolýar. Dutar türkmen halkymyzyň gymmatly saz gurallarynyň biridir. Onyň ajap owazy mukamdyr, beýik bir heňňamdyr. Şükür bu ýerine ýetiren ajaýyp sazy bilen öz agasyny Eýran döwletleriň elinden ýesirlikden halas edýär. Şeýdip, Şükür bagşynyň owazasy ýedi yklyma dolýar. Dutar türkmen halkymyzyň gymmatly saz gurallarynyň biridir. Onyň ajap owazy mukamdyr, beýik bir heňňamdyr.

## "Dutarym"

Ussadyň elinde täsin saýraýan,
Ynsanyň kalbyna şatlyk paýlaýan,
Heňňamlaryň çuňlugyndan saýraýan,
Mydam köňüllere baglan, dutarym.

Kümüş perdelerine, siňipdir sazyň,
Diňläni jadylar syrly, owazyň,
Nagmalary göýä çagbasy ýazyň,
Şat gününde, mukam alan dutarym.

Seniň owazyňa teşne men, teşne,
Ajap sazyň dagdan çykan bir çeşme,
Göýä ýüreklere çekilen keşde,
Göwünlere ganat baglan, dutarym.

Berkarar ilimde belent saýra sen,
Goý, owazyň tutuş dünýä ýaýrasyn,
Bu mekanda gadyr-sarpaň, aýry sen,
Teşne göwünleri awlan, dutarym.





**Sahypany taýýarlan:**
**Selbinyýaz ATAÝEWA,**
**Saz mugallymçylygy hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

SUNGAT WE ÝAŞLAR



Biziň salgymyz:
744000 Türkmenistan, Aşgabat ş., 1984 köç., 22
Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy
Tel: (+99312) 92-31-37, Faks (+99312) 92-36-11
Internet sahypamyz: tmk.nesil.edu.tm

Redaktor: Gülzada BAZAROWA
Kompýuterde bezän: Döwlet GARAÝEW